Gadymy döwrüň akyldarlary jemgyýete aýratyn adamlaryň ýöne keý köplügi hökmünde düşünipdirler. Hakykatda welin, jemgyýetiň düzümi iňňän çylşyrymly. Oňa adamlaryň dürli göwrümli, ululykiçili toparlary girýär. Olara umumylykda sosial toparlar diýilýär.

Jemgyýetiň iň kiçi düzüm bölegi maşgala hasaplanylýar. Her bir täze dünýä inen çaga ilki maşgala kollektiwine girýär, soňra ol barha ulaldygyça, haýsydyr bir okuw we zähmet kollektiwine, dürli görnüşli resmi we resmi däl toparlara girip başlaýar.

Islendik kollektiwde hem oňa girýän adamlaryň arasynda dürli derejedäki gatnaşyklar emele gelýär. Mysal üçin, maşgalada eneatalary bilen olaryň çagalarynyň arasyndaky gatnaşyklar, mekdep kollektiwinde – mugallymlar bilen okuwçylaryň arasyndaky gatnaşyklar.

Uly sosial toparlar biribirlerinden ol ýada beýleki bir alamat la ry boýunça tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, jynsyna görä adamlar aýallara we erkeklere, synpy aýratynlyklaryna görä gullara, gul eýelerine, daýhanlara, hünärmentlere, işçilere, milli aýratynlyklaryna görä – dürli halklara we milletlere degişli edilýär.

Adamlaryň dürli toparlarynyň arasynda gatnaşyklaryň dürli görnüşleri ýüze çykýar. Jemgyýet – bu adamlaryň özara gatnaşyklarda bolan umumylygydyr. Jemgyýeti gatnaşyklarsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Bu gatnaşyklara umumy häsiýetde jemgyýetçilik gatnaşyklary diýilýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklary dürlidürlüdir. Mysal üçin, harytlary öndürmek, ýerlemek we alyş-çalyş etmek ýaly gatnaşyklar ykdysady gatnaşyklaryň görnüşleri bolsa, milletleriň, nesilleriň, eneatalar bilen çagalaryň arasyndaky gatnaşyklar sosial gatnaşyklaryň görnüşleridir.

Sosial filosofiýada jemgyýete sistema hökmündegaralýar we bu sistemanyň esasy elementleri hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bolup geçýän dört sany gurşawy, ýagny jemgyýetçilik durmuşynyň dört sany gurşawy (tarapy) – ykdysady gurşaw, syýasy gurşaw, sosial gurşaw we ruhymedeni gurşaw kabul edilendir.

**Läle TAŞOWA**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri**
**institutynyň talyby**

Все права защищены